**Türkmenistanyň Ýurt Arkalaşygy boýunça Belligine (ÝAB) girizilen täzelik:**

Dürli Bütindünýä Tejribeleriniň we Halkara Maliýe Korporasiýasynyň wekilçilik edýän Dünýä Bank Topary 2015-nji ýylyň maý aýynyň 11-15-i aralygyndaky möhletde Döwlet Iş Strategiýasy barada ýurduň içinde geçirilýän maslahatlary geçirdiler. Bu topar Ýurt Arkalaşygy boýunça Belligindäki (ÝAB) teklip edilen iş görnüşleri boýunça jogap gaýtargylaryny, teswirlerini we tekliplerini almak üçin dürli görnüşli paýdarlar, şol sanda hem Hökümet agentlikleriniň, donor (maliýeleşdiriji) kärhanalarynyň, raýat jemgyýetiniň, şeýle hem şahsy bölümiň esasy paýdarlary bilen duşuşdylar.

Maý aýynyň 11-de teklip edilen iş tertibi (programmasy) hökümet ministrlikleriniň we agentlikleriniň wekillerine aşakdakylary ýerine ýetirmek üçin görkezildi: i) Hyzmatdaşlyk üçin kesgitlenen ugurlar boýunça kärdeşleriniň gyzyklanmasyny tassyklamak; ii) Teklip edilen iş tertibiniň jikme-jik maglumatlaryny maslahatlaşmak; iii) Işleriň iş tertibiniň mümkin bolan yzygiderliligini, aýry-aýry döwürlere bölünmelerini we ädimleýin gidişini maslahatlaşmak;

ÝAB-niň (Ýurt Arkalaşygy boýunça Belliginiň) dört sany esasy ugurlaryna wekilçilik edýän iş toparlaryndaky maslahatlardan soňra, gatnaşyjylar Dünýa Bank Topary (DBT) bilen Türkmenistan Hökümetiniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň indiki iş tertibiniň özeniniň näme bolup biljekdigi barada özara düşünişleri barada hasabat berdiler.

2015-nji ýylyň maý aýynyň 12-15-de raýat jemgyýetiniň, şahsy bölümiň, iki taraply we köp taraply Ösüş Kärdeşleriniň hem-de BMG agentlikleriniň wekilleri bilen maslahatlar geçirildi. Umuman, paýdarlar DBT-a Türkmenistan bilen Dürli Ösüş Kärdeşleriniň (DÖK) işlerini jemleýän hyzmatdaşlygyny dowam etdirýändigi üçin minnetdarlyk bildirdi. Teklip edilen iş görnüşleri paýdarlar tarapyndan kesgitli makullanyldy. DBT-dan aşakdakylary haýyş etdiler: i) ÝAB--niň (Ýurt Arkalaşygy boýunça Belliginiň) taýýarlanyşynda we amala aşyrlyşynda tamamlanmagy üpjün etmegi we işleriň köpeldilmeginiň öňüni almak üçin kömek bermegi DÖK-ler ýakyndan hyzmatdaşlygy dowam etdirmek; ii) Esasy paýdarlaryň ählisini ÝAB-niň (Ýurt Arkalaşygy boýunça Belliginiň) amala aşyrlyşy barada yzygiderli habarly etmek üçin aragatnaşyk strategiýasyny işläp taýýarlamak we amala aşyrmak; iii) Strategiýanyň durmuşa geçirilmegine goldaw bermek, şol sanda hem olaryň degişli türgenleşige we gurluşyk işleriniň göwrümine gatnaşmaklary üçin Raýat Jemgyýetlerini getirmek üçin usullary gözlemek;

Ýurdy bütindünýä ykdysadyýeti bilen birleşdirmek üçin zerur bolan özgertmeleri goldap, we yzyna gaýtarlyp bilinjek maslahat kömegi arkaly onuň bazar ykdysadyýetine geçmegi üçin goldaw bermek üçin ÝAB (Ýurt Arkalaşygy boýunça Belligi) Türkmenistana bütindünýä bilimini we ekspertizasyny geçirmek boýunça kömek etmäge uly üns berer. Teklip edilen iş tertibi häzirki öz içine alýan iş ugurlary boýunça dowam edýän hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrar we ony bäsdeşligiň talap edýän täze ugurlary boýunça giňelder. Hususan hem, işiň teklip edilen ugurlary aşakdakylardan ybarat: i) Syýasy çözgütleri kabul etmeklik üçin maglumatlary kämilleşdirmek; ii) Maliýe Sektoryny Döwrebaplaşdyrmak; iii) Şahsy Sektora gatnaşmak we innowasiýa üçin tehnikany gurmak; iv) Tebigy baýlyklary netijeli dolandyrmak.

Maslahatlaryň netijelerine esaslanyp, DBT topary kesgitlenen dört sany ugur boýunça kesgitli işler (iş göwrümi) üçin jikme-jik tekliplerini taýýarlarlar we ony ara alyp maslahatlaşmak hem-de gaýtadan işlemek üçin Hökümet bilen paýlaşar. Bank ÝAB-niň (Ýurt Arkalaşygy boýunça Belliginiň) garamagyndaky teklip edilen DBT iş tertibine we onuň alyp barýan işlerine gözegçilik etmek üçin, şeýlelikde bu işleriň ikisiniň hem güýçli ösmegini gazanmak üçin Türkmenistandaky hereket edýän beýleki ösüş kärdeşleri (esasan hem Aziýa Ösüş Banky, Ýewropa Galkynyş we Ösüş Banky, Halkara Pul Gaznasy hem-de BMG ulgamy) bilen ýakyndan işleşer.

Täze ÝAB resminamasyndaky teklip edilen iş ugurlary bilen baglanyşykly teswirler 2015-nji ýylyň iýun aýynyň 10-na çenli tm_isn@wordbank.org internet salgysynda kabul edilýär.